# Gazawat urşy / Söweşden soñ

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 21 января, 2025
Gazawat urşy / Söweşden soñ SÖWEŞDEN SOÑ

Meniñ golaýymda 2-3 sany öli we 3-4 sany ýaraly rus esgeri ýatyr. Azajyk aňyrrakda döşünden parran geçen okdan wepat bolan polkownik Ýesipow Georgiý lentasyny boýap, topragy gujaklapdyr. Men onuñ bilen söweşiñ öñ ýanynda, ýagny ýarym sagat mundan öñ salamlaşypdym. Onuñ sowan meýdi inimi düýrükdirdi. Men general Golowaçýowyñ niresinden ýaralananyny bilmek maksady bilen onuñ baýdagy pasyrdap duran ýere ugradym. Ol gara gana boýalan ak eşiklidi. Onuñ gylyçdan ýara düşen eli hasa bilen saralandy. Ýöne oña garamazdan ol eýeriñ üstünde ynamly otyrdy. Biz meýdana aýlanyp ölüleri we ýaralylary sanadyk. Türkmenleriñ jesedi sergi bolup ýatyrdy. Olaryñ biri uzyn taýagyñ ujuna berkidilen egri oragy henizem berk gysymlap, goýberenokdy. Ol aýak ýalañ, başy açyk, ýüpekden tikilen agymtyk köýnek-balaklydy. Adaty bolmadyk ýarag bilen rus atyjylarynyñ garşysyna iteklän ruhy, gahar-gazaba ýugrulan ýigrenji onuñ rehimsizden gödek keşbinde doñup galypdyr. Beýleräkde 3-4 sany türkmeniñ jesedi biri-birine ýaplanyp ýatyr, 4-5 sany türkmen bolsa, öz ajaýyp atlary bilen ýer bagyrtlapdyrlar. Atlaryñ biri ok degen eýesine kömek etjek bolup synanyşan mahaly öldürilene meñzeýärdi. Çägelikdäki oýtum-oýtum bolup ösüp oturan pessejik haşal otlaryñ içinde ýarpy göwresi görünýän adamlaryñ sany-sajagy ýokdy. Ýöne türkmenleriñ içinde, ýaralysy, iñläp ýa-da kömek sorap gygyryp ýatany ýokdy. Men muña haýran galdym. Türkmenler mydama-da öz ýaralylaryny taşlamazlyga çalyşýardylar. Ýöne ýap-ýaňy söweşde ýaralanan ýoldaşlarynyñ baryny alyp gitmäge türkmenleriñ mümkinçiligi bolmandy. Tiz wagtdan maña bar zat aýan boldy. Men bir esgeriñ assyrynlyk bilen öli ýatan türkmenlere ýakynlaşýanyny gördüm. Onuñ özüni alyp barşy örän geñdi. Ol öz işine şeýle bir gümrady welin, meniñ golaýyna baranymam añşyranokdy. Men onuñ gözleriniñ wagşylyk bilen ýylpyldaýanyny

gördüm. Ol bir görseñ-a aklyndan azaşana, bir görseñem gaty gorkana meñzeýärdi. Men onuñ niýetini añyp ýetişmänkäm ol naýzasyny ýatan türkmeniñ böwründen sokdy. Men eýmenç gygyranymy-da duýman galdym. Ol ýokarsyna garap, meni gördi-de zat diýmän daşlaşmak bilen boldy. Ýañky türkmen diri ekeni-de ölen kişi bolup ýatypdyr. Ol böwründen we agzyndan zogdurylyp gan çykanda-da iñlemedi. Men onuñ sandyraýan barmaklaryny görmedik bolsam, men oña häzirem ölüdir öýderdim. Görgüliniñ indi kömege mätäç däldigine düşünip, men atymy yza doladym. Men töwerekde beýle iş edip ýören başga esgere duşmadym. Ýañly esgerem gorkudan zähresi ýarylan haramzadanyñ biri bolmaly. Soñ görüp otursak, ýaralylaryñ bary ölen kişi bolup ýatyr ekeni. Biz wepat bolan türkmenleriñ sanyny 300-e ýetirdik. Soñra mälim bolşuna görä, wepat bolanlaryñ jemi 500-e golaýlan eken. Ýomutlaryñ diñe gylyçdyr orak bilen ýaraglanandyklaty sebäpli, ölen we ýaraly bolan ruslaryñ sany 40-dan geçenokdy. Bu ýerde başga edere iş bolmansoñ, yzymyza dolandyk. Az salymdanam baglygyñ içinden geçýän Ýylanly ýoly bilen atymyzy çapdyryp barýardyk. Ýylanlynyñ diş-diş bolup duran gazaply galasy görnende biz heniz ýarym sagadam ýöremändik. Ýol şäheriñ daşyna aýlanýardy. Galanyñ ilaty derwezäniñ agzynda elleri ýañyja bişen çörekli, ýanlary gawunly, üzümdir erikli bizi garşylamak üçin üýşüp durdy. Taryhy makalalar